“Apple” kompaniýasy täze iPhone 17 modelini, onuň has inçe görnüşi bolan iPhone 17 Air-i we has güýçli iPhone 17 Pro-ny resmi ýagdaýda köpçülige hödürledi. Täze önümleriň tanyşdyrylyşy kompaniýanyň sosial ulgamlarynda göni ýaýlym arkaly geçirildi.

Täze iPhone 17 modeli A19 çipi bilen enjamlaşdyryldy. Bu çip 6 ýadroly prosessor we 5 ýadroly grafiki blok bilen işleýär. Apple-yň berýän maglumatyna görä, täze model öňki görnüşinden 8 sagat uzyn iş wagty bilen tapawutlanýar. Qi2 simsiz zarýad beriş ulgamy batareýanyň tiz dolmagyny üpjün edýär. Ekran ölçegi 6,3 dýuým bolup, enjam gara, mämişi, gök, ýaşyl we ak reňklerde hödürlenýär.

**iPhone 17 Air:** Apple bu modeli “hasaplaýyş kuwwaty boýunça MacBook Pro bilen deňeşdirip bolýar” diýip häsiýetlendirdi. Air modeli has inçe korpus bilen tapawutlanýar.

**iPhone 17 Pro:** Pro modeli Air bilen deňeşdirilende bir ýadro has güýçli prosessor bilen üpjün edilen. Reňk görnüşleri: gök, çal we mämişi.

**Apple Watch Series 11:** Täze sagatlar örän inçe korpus bilen hödürlenýär we 5G tehnologiýasyny goldaýar. Şeýle hem ýaşyl,mämişi, gara we gök reňkli print bilen bezelen guşaklar bilen bilelikde hödürlenýär.

**AirPods Pro 3:** Täze AirPods Pro 3 enjamy häzirki wagt dil terjimesi we eşitmek üçin kömekçi funksiýalar bilen enjamlaşdyryldy. Şeýle hem ses izolýasiýa ulgamy täzelenip, has ýokary hilli ses tejribesini hödürleýär.

Все права защищены